# «Ýüzükleriň hökümdarynyň» sosiologik yşaraty hakda

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Ýüzükleriň hökümdarynyň" sosiologik yşaraty hakda «ÝÜZÜKLERIŇ HÖKÜMDARYNYŇ» SOSIOLOGIK YŞARATY HAKDA

Jon Ronald Reuel Tolkien «The Hobbit», «Silmarillion» eserleriniň yzysüre 1937-nji ýylda «Ýüzükleriň hökümdary» üçin galama ýapyşanda we 1949-njy ýylda ýazyp gutaranda yzda diňe mifologiýadan we özüniň ýokary utopiki hyýaly dünýäsinden dörän fantastiki eser miras goýmandy, ýazyjy şol bir wagtyň özünde döwrüň jemgyýetçilik wakalarynyň we pikirleriniň töwerekleýin kartinasyny çekipdi. Ol bu kartinany özi bilip çekdimi, ýa bilmän çekdimi, birgiden sowallary döredýänem bolsa, bu näbellilik ýagdaýy görünýäniň maglumatyna däl-de, görünýäniň aňyrsyndaky maglumaty edinmegi maksat edinýän sosiologiýa ücin uç-gyraksyz analiz deňizini döredýändigi hakdaky hakykaty üýtgedip bilenok.
1892-1973-nji ýyllarda ýaşap geçen Tolkieniň jemgyýetçilik düzgüniniň akymyny üýtgeden hadysalara şaýatlyk etmegi taýdan öndümli seneleriň arasynda ýaşandygyny aýtsa bolar: Birinji we ikinji jahan uruşlary, senagatlaşma bilen bile üýtgän işçi güýji dolanşygy, täzelenen synpy jemgyýetçilik gurluşy, ulus döwletleriň beýgelişi we bularyň hemmesi bilen bilelikde baglanyşykly ýatlanýan modernizm. Birem bulary XXI asyrda, ýagny, biziň günlerimizde netijeleri bilen iň köp ýüzbe-ýüz bolýan wakalarymyzyň kategoriýasyna dahylly etsek ýalňyşdygymyz bolmaz.
Şeýle-de, K.Wraýt Millsiňem ylmy-jemgyýetçilik garaýşy boýunça ýazan ylmy işinde her bir indiwid üçin nygtap geçen pikirine salgylanyp, Tolkieniň biografiýasynyň, onuň eýelik edýän aýratynlyklarynyň ýany bilen birlikde ýaşan döwrüniň sosial-ykdysady, syýasy we başga hadysalara parallellikde suratlandyrylandygyny öňe sürsek ýalňyşdygymyz bolmaz. Biziň

üçin bolsa munuň sosiologik nukdaýnazaryny ulanyp Tolkieniň dünýägaraýşynyň we onuň şeýle eserleriniň tefsirlenmegine mümkinçilik döredýändigini aýdyp bileris.

- **“The world has changed…**

One by one the free lands of Middle Earth fell to the power of the ring”




Orta Dünýäniň halklary Sauronyň häkimiýetine garşy baş galdyranda we Ysyldur Saurony gylyjy bilen parçalap arzyly ýüzügi eýelände edil aýdyňlanma hereketinde bolşy ýaly azatlyk düşünjesi adamlaryň başyny-gözüni aýlaýar hem-de olar üçin umydyň gapysy açylýar. Birnäçe ýyllap hökümini ýöreden diýdimzor düzgün Sauronyň, ýagny şeýtanlaşdyrylanyň agdarylmagy bilen birilikde tamamlanýar we parahatçylygyň höküm sürmegine garaşylýar. Emma Ysyldur özünden garaşylýany etmeýär, ýagny, ýüzügi ýok etmek üçin beren sözüni tutmaýar. Ýüzügi özi alyp, Saurona ýaşamagy üçin ikinji gezek mümkinçilik berýär.
Ýüzügiň elden-ele geçip ýören döwründe Sauron fiziki keşbini Ysylduryň uran zarbasynda hernäçe ýiitirenem bolsa, ruhundan hiç zat ýitirmeýär. Söweş meýdanlaryna çykyp bilmezligi-de, bu

uly güýjüň Orta Dünýäni öz gününe goýjakdygyny aňlatmaýar. “Ýüzükleriň hökümdarynda” şu ýere çenli gürrüň berilenleriň häzirki dünýäde ýaşap ýören adamlarymyza hiçem nätanyş däldigini aýdyp bileris. Tolkien “Ýüzükleriň hökümdarynyň” jemgyýetçilik wakalaryna dahylly ýeriniň ýokdugyny hernäçe tekrarlap, romanyň diňe allegorik häsiýetlli eserdigini öňe sürse-de, bu epopeýanyň uly aýdyňlanmanyň we modernizmiň tankydy diýip düşünýärin.

Aýdyňlanma, reformalar, renessans ýaly düşünjeler birnäçämizde oňaýsyz pikirleri döretmekden diýseň uzakdadyr. Birnäçe ýyllap, hususanam Günbatarda öwlüp-öwlüp arşa çykarylan, Orta asyrlaryň sholastik düzgüninden soňky halklar tarapyndan alkyşlanyp garşylanan we eýýamyň zerurlygy hasaplanan modernizmiň we aýdyňlanma akylynyň ulanylyşyny nygtap, adamlara rasional düşünjäni propogandirleýär hem-de munuň bilen birlikde azat protesti wada berýär. Hawa, nämedir bir zatlar üýtgeýär, emma tradision düşünjäni köpçülikleýin hereket bilen terk edip, azatlygyny aýasyna alandyryn öýdýän adam aslynda azatlyk diýip nirelerde galgap ýör? Häkimiýetler tarapyndan halklara berilen bu täze düzgün aslynda beren sözünde durmakda we hakykatdanam indiwidlere tama eden möçberinde azatlygyna gowuşmakda üstünlik gazanyp bildimi?

Ýüzük Sauronyň elinden alynanda, Orta Dünýäniň halklary muny wagty gelen ýeňiş hökmünde kabul edip, şeriň ýok edilendigini jar edýärler. Edil sholastiki düşünjäni we Orta asyrlaryň garaňkylygyny ýykyp-ýumurmak üçin ýola çykan hem-de rewolýusiýany amala aşyran gatlaklar ýaly. Ýüzügi ele geçiren Ysyldur bolsa bimazalygy döreden ol simwoly ýok etmegiň ýerine ýüzügiň jadysyna aldanyp, Orta Dünýäniň öňünde beren sözüni tutmaýar we ähtiýalanlykda aýyplanýar. Ýagny Renessans düşünjesiniň modernizm bilen birlikde ýalňyşdyryjy azatlyk pikirini getirmeginiň ýany bilen gaça durmaga çalşylan diýdimzorlugyň ýok bolmandygyny, diňe formasyny üýtgeden düzgüne geçendigi görkezilýär.

Aýdyňlanma (Galkynma) XVII-XVIII asyrlarda höküm sürýän totalitarlyga, sütemkär-feodal gurluşyna, diýdimzor dini eden-etdilige garşy erkinleşme hereketidir. Modernizm düşünjesi bolsa aýdyňlanma maksatnamasy hökmünde “yzygiderli we görnetin ösüş” garaýşyna esaslanýar. Bu ösüşiň aýdyňlanma pelsepesine laýyklykda belli bir maksady bar: sözi agzalýan maksat, ideal toplum düzgüni bolmak bilen suratlandyrylýar.

Modernizmiň tarapdarlary bolan Durkheým, Simmel, Parsons ýaly sosiologlar modernlik (döwrebaplyk) üýtgeşmäniň, hünärmenleşmäniň, şahsylaşmagyň, ylalaşyga bagly gatnaşyklaryň, ylmy maglumatlaryň we tehnologiýanyň agalyk sürýän ýaşaýyş formasydyr. Modernligiň düýp parametrleri kapitalizmden, industrializmden, şäherleşmeden, demokratiýadan, ussatlykdan, býurokratiýadan, hünärmenleşmeden, tapawutlanmadan, ylmy maglumatlardan we ulus döwletden ybaratdyr. Beýleki bir tarapdan Proudhon tehnologik ösüşiň adamlary materiallaşdyrýandygyny, K.Marks bolsa tehnologik ösüşiň bigäneleşmäge ýol açýandygyny, jemgyýetçilik gapma-garşylyklary artdyrýandygyny we çaprazlygy ýitileşdirýändiginni aýdyp, modernleşmegi gazaply tankyt edipdir.
Tümlügiň we şeriň höküm sürýän ýurtlarynda ýaşaýan orklaram Proudhonyň modernizm düşünjesi höküm etmäge het eden bu iki diň tebigata gözegçilik etmek güýjüni elinde saklaýan Isengard bilen azat halklara boýun egdirjek bolýan syýasy häkimiýeti özünde saklaýan Mordordyr.
Sarumanyň ylmy tejribesi we tehniki häkimiýeti Sauronyň sarsdyrmasy kyn häkimiýeti bilen birleşende modernizm maksatnamanyň düýbüniň tutulmaga başlanandygyny aýdyp bileris.
Alymyň, intellektual adamyň obrazyny janlandyrýandyr öýdülen Sarumanyň uruş we ýaraglanma üçin önümçiligiň adyndan kabul edýän “rasional” kararlarynyň tebigy genosidi amala aşyrýandygyny suratlandyrmagy modernizmiň hakyky tankydy hökmünde görmek gerek. Çünki modernizm ösüşe we ideal düzgüne ýetmek üçin ylmyňam goldawyny alyp, adamzat durmuşy bilen birlikde hemme zady depgilemegi göz öňüne tutýar. Rasional düşünjäniň adam durmuşyny ýok saýyp gelen iň soňky derejesi bolsa Holokostdyr.
Modernizmiň wada beren zatlaryň amalaşyp gidibermezligi we onuň hemme zady çözüp biljekdigine bolan ýalňyş ynanjyň görnetin ýalana çykarylmagy (ýadro ýaraglar, himiki galyndylar, açlyk, garypllyk, tebigy gurşawyň harlanmagy ýaly meselelerde çözgütsizlik), häzirki zaman ylmynyň berýän maglumatlarynyň şahsy syýasy bähbitler üçin ulanylmagy we totaliar döwletleri ýaşatmaga kömek etmekde aýyplanmagy, modern ylymda teoriýa bilen reallygyň arasyndaky aratapawudyň bolmagy, adamzadyň bar boluşynyň mistiki we metafiziki taraplary bilen gyzyklanmazlygy, hatda görmezlige salmagy we

modern ylmyň barha predmetleşmegi we duýgyny ýatdan çykarmagy modernizme gönükdirilen tankytlaryň iň esasylarydyr.

- **The Eye Of Sauron: Gözegçilik jemgyýeti**




Sauronyň fiziki aýratynlyklaryny ýitirip, ylla gözegçilik diňine öwrülmegi Žeremi Bentemiň işläp düzen we Mişel Fuke tarapyndan ulanylan “panaptikonyny” ýada salýar. Isengardyr Mordorda dowam edýän düzgün aslynda Şire we Gondor ýaly ykbaly näbelli geografiýalar nukdaýnazaryndan erteleri babatda senariýa taýýarlaýar. Muňa “Ýüzük ýok edilmände näme bolardy?” senariýasy-da diýip bileris.

Tolkien çeper fantaziýasynda ýüzügiň ýok edilmegini saýlap, pozitiw gelejegiň kartinasyny çekse-de, bize senariýanyň ýaramaz tarapyny görkezýär. Frodo ýüzügiň hötdesinden gelmese, Sauron doly güýjüni toplap, bütin Orta dünýä halklaryny gula öwrüp, edil Oruelliň “1984” romanyndaky ýaly “gözegçilik jemgyýeti” düzgünine boýun egdirmekçi.

Senagatlaşmagyň ýygjamlaşýan we orklaryň diňe ytagatyna hem-de

beden güýjüne esaslanýan düzgüniň höküm sürýän Mordory sözüň doly manysynda senagatlaşan jemgyýet düzgünini suratlandyrýar. Müňlerçe ork “The Eye Of Sauron”-yň gözegçiligine sazlaşykly mehanizm ýaly işleýär: “Fuke kadalaşdyryjy häkimiýet sözüniň amala aşyrylan ýerine XIX asyryň zyndanlarynda gurlan häkimiýet tehnologiýalarynyň öňbaşçysy bolan Panaptikony mysal görkezýär. Panaptikon – ortarasynda üsti garawully diňiň ýerleşen howlusyndaky dik dörtburçlyk binadyr. Binada tussaglar zyndanyň gözegçisini görenok, emma gözegçi hemme zady görýär… Kadalaşdyryjy häkimiýetiň dowamlylygy – tussaglaryň asla haçan gözegçilik edilýändigini bilmeýändigi sebäpli, öz hereketlerini gözegçilikde saklama arkaly özleriniň gözegçilikde saklanýandygyny bilmekleri sebäpli saklanýar.”
Sauronyň fiziki we adam keşbini ýitirip, gözegçilik simwolyna öwrülmegi-de Tolkieniň gözegçilik jemgyýetiniň boýdan-başa nygtan başga bir tarapyna yşarat edýär: “Tussag etme, gabawda saklama, sütem etme, öldürme ýaly klassyky döwrüň bedene garşy gönükdiren sütemkär häkimiýeti modern döwürde daşarky dünýäni ýapma, howaýy azatlyklar bilen ruhlaryň tussag edilmegine getiripdir. Fuke bu döwre biosyýasy gözegçilik we häkimiýet eýýämy hökmünde baha berýär.”
Senagatlaşma bilen birlikde emele gelen iş güýjüniň hasabyna ilatyň köplügi artykmaçlyk gazandyrmaga başlaýar we adam bedeniniň ähmiýeti güýçlenýär. Mundan beýläk Orta asyrlardaky sütemkärlikler, ölüm bilen jezalandyrmalar yzda galýar, häkimiýet bedenlere eýelik etme hukugyny edinýär we aň-düşünjeleri islän tarapyna dolduryp, adamlary sistemanyň hasabyna işleýän we birmeňzeş elden çykma esgerlere öwrüp taşlaýar: “Ilatyň ykdysady düşünje hökmünde işläp başlamagyndan soň dolandyryş formasy şu ugra tarap üýtgedi. Senagatlaşan jemgyýete geçilende adam bedeniniň we onuň öndürijiliginiň gymmaty artdy. Syýasy we ykdysady strategiýalary kesgitlemegi, ilata dahylly gymmatlyklaryň belli bir tertibe getirip, meýilleşdirmek gerekdi. Bu sistemanyň dowamlylygyň üpjün edilmeginiň ýoly muňa utgaşykly normalary kämilleşdirmek we muny durmuşa geçirjek guramalary döretmegiň ýolundan geçýärdi… Türmeler, maşgala, mekdepler, hassahanalar, garnizonlar tertip-düzgüni öwrenmegiň we amala aşyrmagyň merkezine öwrüldiler. Agaýana enteşip ýören bikärler we däliler hassahanalara gabalyp realibilitasiýa edilip,

günäkärler türmelere dykylyp, “kadalaşdyrylan” jemgyýete goşulyp gitmegi öwrenmäge başladylar.”
Tolkien okyja birnäçe gezek gulçulyk sistemasynyň gözüniň Orta Dünýä halklarynyň üstündedigine ünsi çekýär: “Orklaryň başda nähili ýaradylandygyny bilýärsiňizmi? Olar öňler elflerdi, soñra olary şer güýçler eýeledi. Gynaldylar, bedibagt durmuşy başlaryna inderdiler we indi oňa özlerem uýgunlaşyp gitdiler.”
Orta Dünýä aslynda turuwbaşdan öz garaňky “ertesi” bilen söweşýär. Hobbitleriň, elfleriň, girdenekleriň we adamlaryň olara öwrülmekden we görmekden gaça durýan orklary Mordor we Sauron ýalylardan tapawutly däl, çünki her bir halk günüň birinde şol gorkýan düzgünine ýeňilip biler.
25.09. 2015 ý.

Duýgu ÝENIÇYNAR.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Edebi makalalar